# Saýt labirinti / fantastiki-başdangeçirme hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Saýt labirinti / fantastiki-başdangeçirme hekaýa SAÝT LABIRINTI




*(Haýyşlar boýunça ýazyldy we goýuldy)*
Waka we ondaky gahrymanlar hem-de olaryň hereketleri oýlanyp tapylan, durmuşdaky gabat gelmeler bilen hiç hili baglanyşygy ýokdur, tötänlikdir.

I. Kitapçy. Jemile.
*Ilkinji tanyşlyk*

– Niräk düşdüm men? Kim sen?
– Menem bilesim gelýä şony-ha. Men ýeke özümmikäm diýip durdum. Özüň kim?
– Näme boldy-aý? Kim-eý siz?
– Özüň kim gy?
– Brr… Şu ujus düýşlerden haçan dynarynkam. Ýuh, bu gezek çöldemi men. Bi bedroý jäniçgeler kim bole?
– Senden başga bedroý göremzok biz-ä.
– Şony aýtsana. Sypatyny dagyny.
– Bir çemçe ganymy geçiň-ow, düýşdäki melikeler. Ýöne, näme üçin meň düýşüme melike girýär-äý, düýşümde-de ýene özüm ýalaklar.. brrr.
– Düýş göreňok sen, kellesine bedre degen. Seň düýşüňe

girmämizde, başga işimiz ýokmy-eý?!
– Onda by ýerde poh işleýäs, ministr?
– Bizem äm-säm, şony çözüp bilmän otyrys.
– Diňläň, halaýyk. Hemmämiziň ýagdaýymyz meňzeş ýaly. Beýdişip otursak hiç zat bitmez. Meseläni çözmek üçin kelle birikdirmeli. Kelle birikdirmek üçin bolsa, mesele çözme… Wi-i, bir-birimizi tanamaly.
– Näme diýýär-äý by Pifagoryň agtygy? Türkmençelesene pliz.
– Sen dogry aýdýaň, Pifagoryň agtygy. Ony diňleme. Geliň, ilki tanşalyň. Men, Götinsümer.
– WA-HA-HA-HAA-HAA. Balşoý sorry… Pyňk.
– Men, Samankel…
– WU-HU-HAHAHAHAHAAAA… HAHAHA…
– …le. Samankelle. Tanşanyma şat, Götinsümer.
– Men bolsa, Ýandakgül. Ikiňiz bilenem tanşanma şat.
– Hyk-hahaha-hahaha…
Saman:
– By işigaýdany kiçikä düýe depipdir öýdýän.
Götinsümer:
– Ýok. Samsyk ol. Bu toçno.
Ýandak:
– Da, kakaýa raznisa wam. Esasy adyny bileliňle. Raz už bir ýere düşen bolsak, olam biz bilen deň ahyry.
Saman:
– O bende şokda şu wagt. Özüne gelýänçä garaşsak, üstesine şeýdip lakyrdap otursa, gelmejek haýwanam gelip iýip gidýä bizi. Bir zat edip şokdan çykarmaly gyssagly ýagdaýda.

15 minut mundan öň…

…Internetde bir gyzykly oýun çykypdy şu günler. Ony ömür telefondan odur-budur dörünip ýören ýek-tük adam biläýmese, bilinjek, tapyljak gümany ýokdy. Bu dördüsiniň öňünden çykýa ýaňky oýun. Oýun online oýnalýar we bularyň dördüsi hem birden registrasiýa bolýalar şol oýna. Girseler, ol oýunam däl ýaly. Adaty bir saýt eken. Registrasiýa bolaýan wagtlary hem göni çöle zyňyldylar ýyldyrym çaltlygynda… Işigaýdan Götinsümer

«teleportasiýa suşestwuýet» diýip düşünse, o birem hemişeki görýän elhenç düýşleriniň sypaýyrakdan içgysgynjyrak görnüşi diýip düşündi. Saman birhili aňan ýaly etdi. Ömür müýnli bolansoň, gözüni tegeläp oturdy…
– Nemejan, adyňam-a bilemzok, gara gözüňe, gara saçyňa döneýin welin, biz düýbünden howpsuz ýerde däl. Bir minut bizi diňlärmisiňiz, dogan?
– Sypdyr.
Götinsümer pyňkyrdy, emma Saman dowam etdi:
– Adyňyzy biläýeli diýýäs, şu wagt-laý. Ü-üýşüp.
– Çaýyrsaç men, Hah.
Ýandakgül bende özüni zordan saklady, ýöne Götinsümer ýene pyňkyrdy. Saman:
– Nakonesto. Tanşanmyza şat, Çaýyrsaç. (Öz a:dam-a özüne meňzäp dur eken işigaýdanyň). Tanşan bolsak, düşünşen bolsak, indi aňyşýaňyzmy nädip düşenmizi şu ýere?
Götinsümer:
– Neuželi teleportasiýa suşestwuýet? – diýdi. Ýandak:
– Ne dumaýu, Sümer.
Saman:
– A zrýa. Teleportasiýa-da welin, erkekçe boýun alyň, “Jemilä” registrasiýa etdiňiz gerek? – diýse, ýaňkylaryň barysy “Hawa-da, hawa” boluşdylar. Soňra Götinsümer:
– Tak, tak. Telefonlarymyzam elimizde dur. Seredip gördüm, hiç kim bilen habarlaşyp bolanok. Diňe şol saýtda dur. Ojagazyň oýnuny oýnamasak, wrýadli öýe baraýsak. Men heniz durmuşa-da çykyp ýetişemog-a – diýse, birden hälden geplemän oturan Çaýyrsaç gürrüňe goşuldy:
– Senem men ýaly hiç kim alanokmy?
– Aýtmasana. Alsalar şu ýere düşerdikmi? Ýalňyşmasam ol ikisem biz ýaly öýdýän.
– Sypatlary aýdyp dura-ow.
Saýtyň oýnunyň düzgünini okan Ýandak:
– Saýtyň ady “Jemile” däl-de, “Kitapçy”. “Jemile” onuň saýtyna ýüklän oýnunyň ady. Ähli mowzuklaryndaky soraglara jogap tapmaly, şertlerini berjaý etmeli we şunlukda, edil şol mowzukda näme bar bolsa, biz şo ýere düşýäs. Bilemok

teleportasiýa diýiň, düýş diýiň, jady diýiň işim ýok. Maňa-ha olaň hiçisem ne suşestwuýet. Ýene bir zat, biz şu wagt Garagumdadyrys öýdüp oturmaň. Dykgatyňyza ýetireýin, biz Saharada.
Saman bilen Götinsümer birlikde:
– Ýolki-palki…

## II. Mono Liza

Bular ähli mowzuklary geçmeseler, "saýtdan çykyp" bolmajakdygyna düşündiler, emma beýdip her gezek çöle düşüp durjak bolsalar… Iýmit ýok, harajat ýok. Bir-iki günde dynyljak zat hem däl.
Götinsümer:
– Gyzlar diýýän-ä. Pulumyzam-a ýok – diýdi. Ýandakgül:
– Wah pul diýýäň. Biziň düşen çöllügimizi diý. Indi bu ýerden haçan, nädip çykarys, Bred Pit znaýet.
Saman:
– Men indi şu pijamam bilen entemelimi bolgusyz çägelikde, boje moý – diýdi-de, ýaňaklaryny eliniň aýasy bilen tutup, kellesini ýaýkady. Çaýyrsaç:
– Ýo, häzir saýtyň admini saňa Dioryň köýnegini getirip berýä. Saňa-da pul berýä. Senem pitikleýä welin, çölden çykýeň.
– Syýahat üçin zaçem mne Dioryň eşigi. Hotýa, alardym we satardym, pulumyz bordy biraz.
Götinsümer:
– Saman, biraz şygyrdylyrak eken. Göwnüm ýetdi şu sözüňe.
– Bilýäňä-ow – diýip, Saman gompardy. Çaýyryň bolsa, bulara pisindi oturmadymy nämemi, güldi-de, kellesini ýaýkady. Soň:
– Bolýa, onda şeýle. Karoçi admin bizi bir gezeklikçe bir zatlar bilen üpjün edýärmiş, yzyny özümiz oňarmalymyşyk – diýdi. Ýandak:
– Üç gezeklikçe – diýip, düzetdi.
– Aý, şoda-raý. Olam aňladýa biziň, tipa üç sany janymyz bar. Üç janymyz ýok-da, üç sany arzuw edip diýen ýaly, bir zat saýlamaga nemämiz bar. Oýnuň näçe wagta çekjegine, Ýandagyň Bred Piti yznaýet. Şoň üçin gerekli ýagdaýda ulanjak bolmaly.

Meselem, ölmezlik üçin.
Saman:
— Näme teklip edýäň, Pyrymýer Mynystyr?
— Sen özüňkä pijamaňy çalyşdyrsaň çalyşdyrýeň, emma men-ä opşy oduk-buduk diýjek. Bikoz my syçýas bez wody umiraýem. Ty panimaýeş a çom ýa?
— (Işigaýdanyň rusçasam-a meň iňlisçäm ýalakga eken). Panimaýu, karatyşka, panimaýu. Onda opşy harajat diýsek, gaýrat edip birlaý eşigem berer-dä. Men-ä şy samsyk pijamada çölde entäp biljek däl.

…Garaz bular sözde wäle-wüle etseler-de, örän agzybir topar boldular. Hersi öz gezeginde hemmesine ýeterlik (iň bolmanda häzirlikçe we 3-4 güne ýetjek) derejede bir zatlar islediler. Sebäbi diýilmeli zadyň materialy meňzeş bolmaly eken. Hersi öz telefonynda gerekli zadyny ýazdylar, möçber ýazylýan ýerine dört adama ýeterlik möçberde.
Çaýyrsaç hemmesi üçin azyk harytlaryny aldy. Saman egin-eşik, gapdalynyň aksessuary bilen aldy. Götinsümer nagt bolmadyk pul diýdi, sebäbi nagt puly häzirlikçe bulara gerek däldi. Ýandak sowuk ýaraglara basdy.
Ykjam eşikleri geýdiler, goş-golamlaryny, ýol harajatlaryny ýerleşdirdiler we ilkinji mowzuga girdiler. Ilkinji registrasiýa eden Samandy we şol başyny başlamalydy, ýagny ilkinji göçüm diýen ýalyrak.
— Wah, meýdiýanan Serçe diýsä, şundan başga goýara mowzuk tapmadyňmy diýsene, hotýa Joni Depi men abažaýdym.
Götinsümer:
— Okaý-how, söýgüliň barada gepleme-de.
Çaýyrsaç:
— Jon Dep şuň söýgülisi? Ha-Ha-Ha-Ha. Pyrkol-aý siz.
— Ikiňem peşetmänkäm, zatknites! Okaýan. Karoçi, Mono Liza barada mowzuk. Şony biz ogurlamaly.
— Mono Lizany poha ogurlajak?
— Şondan bir zat sorajakdym.
Şerti: Jokondanyň suwrotyny ogurlamaly we oň syryny bilmeli.
Ýandak:

— Sen oýun edýänsiňle.
— Eýse, ýüzümde Jokondaň ýylgyryşyny gördüňmi şu wagt?
— Asyrlaryň açyp bilmedik syryny biz dördümiz nädip açmalykak? Nä saýtyň admininiň kellesine sallançagyň gyrasy degdimikä kiçikä?
Çaýyrsaç:
— Kesin, şol degendir. Meň şipilkelerimi güllürme diý şo admine, ýöne men şipilke geýemok, wuhahaha. Şypbyklarymy güllürme diý şoňa.
Götinsümer:
— Kellesine näme degenini-hä biljek däl welin, bir syry bar bolaýmasyn ýazylanyň. Göniden göni syryny bilmeli däldir belki-de ol suratyň. Synanyşyp bir göreliň. Eýse, biziň başga çykalgamyz barmy?!
— Şy gapdalykgan ýöreýän dogry aýdýe. Diňläň şony.
Ýandak:
— Gapdal däl, yzlykgan, hemem ýöränok-dä sümülýär.
— Bolýa diýdim-ä, ministr.
Saman:
— Surat geçen asyrda hem ogurlanypdyr. Bu diýmek, biz ol asyra-da gidäýmegimiz ähtimal. Bellisi ýok.
Ýandak:
— Şu wagtky Pariži göräýjekdim-dä, bahana bilen.
Götinsümer:
— Gam çekme, soň ikimiz aýratynlykda bileje gideris.
Saman:
— Indi duran ýerimizden-ä bizi göni şo ýere zyňjak teleportasiýa ýok eken görşüňiz ýaly. Özümiz ýuwaş-ýuwaş ýola düşübermeli bolýas. Indiki ästenöwke Pariž.

…Saman şeýle diýip diýmänkä, bular göz açyp ýumasy salymda başga ýere düşdiler. Elbetde, düşen ýerleri Paryždi, emma biziň günlerimiz däl. Aňk-taňk bolup durdylar ilki bilen-ä. Näme-de bolsa, biraz çolarak ýere düşüpdirler.

Çaýyrsaç:
— Indi muňa näme diýersiňiz, Jokondanyň jorolory?! Biz 20-nji

asyryň başlarynda. Brawo! Eşiklerimizem 21-iň safarileriniň eşikleri. Haýdan-haý goş-golamlarymyzy saýta ýerleşdirmeli. Gerek wagty alyp bolýa. Ýagşam bir iş bitirdik. Belki gerek ýeri tapylar diýip umyt edýen. Biziň iki islegimiz galdy.
Ýöne, bu döwürde wrýatli töleglerиň nagt däl görnüşi bardyr. Ýa barmykan. Pekge Kümegül diýsä.
Ýandak:
– Götinsümer – diýip, ýene düzetdi.
– Alyp ýatdyň-aý. Mugallymmy sen, dilçimi sen, näme sen?
– Aý ýo, arheolog men.
Götinsümer:
– Onda nämä gynanan bolduň-eý ýaňy “köne Parižе” gidýäs diýip? Çaýyr seňem ýeke sözüňe-de düşünmedim. Arasynda dem almasaň bolmyýa, aýallogon.
– Aý ol bir ýönekeý bir hemme kişiň arzuwy ýaly bir arzuwdy-laý. Bu ýere gelenimize örän şat.
Saman:
– Liçno men-ä Pariži göresim gelip duranokdy. Tem boli öňki döwürler. Aňkap galanlar diýsä. Maňa galsa, Ýegipta giderdim. Peru, Kair, Nil…
Çaýyrsaç:
– Boldy, boldy. Iliň thought-y materiallaşsa, muň fantasy-sy materiallaşýar. Erkek bol-da, pikirlenmänkäň pikirlen. Wi ýo, hyýal etmänkäň pikirlen we biz bilen maslahatlaş. Hyýal we arzuw etme, gaýrat et-how.
– Ýes, kapitan!
Götinsümer:
– Gürrüňleri soňa goýalyň. Çaltjak meýilnama düzeliň. Dur, Çaýyrsaç! Gepleme, hiç zat gepleme. Hawa, bilýän. Düşündim. Indiki mesele mugt žilýo tapmaly.
Saman:
– Žilýony-ha bir zat ederisle welin, eşiklerimiz ünsi çekjek-dä.
Çaýyrsaç:
– Ikinji islegiňem 20-nji asyryň başlaryndaky pereňlileriň geýýän eşigi diýäý bolmasa.
– Bol onda öz pikiriňi aýt, Çaýyrlydepe. Žilýomyz tapylar

öýdemok. Tapylmanda hem zyýany ýok. Biz wagtlaýyn žilýo-pilýo diýip durýançak minut gidip dur. Bu ýerde garamaýak halkyň köpüsi köçelerde-de ýaşap ýör. Iň bolmanda harabaçylyklara tapylar adamsyzrak.
– Köçede ýatyp-turup ýören-dä bende. Hah.
Eşik, žilýo diýip ýörmäň. Biz Liza daýzamyzy ogurlomoly. Tiken, şo muzeýiň ady nämedi?
– Luwr. Birem men, Ýandak! Ýan-dak-gül!
– Bor-how, urmasaň bolýa. Karoçi, ilki Luwryň ýagdaýyny öwrenýes. Tipa turistsyrap baryp, ýagny kümsük turistlar bolýes.
Saman:
– Şu eşikleň bilen kim saňa turist diýsin? Biz häzir beýdip barsak ünsi çekeris.
– Kepek, alyp ýatdyňda-ow. Eşik, eşik, ýykdyň-aý bir.
Ýandak:
– Samankelle!
Götinsümer:
– Kepek dogry aýdýa gyzlar.
– Saman-kel-le!

…Umuman, eşikli meseläni, Samankelläniň aksessuarlaryny bu ýerde satmak arkaly çözdüler. Aslynda ol ýeriniň eşikleri gerek bolmasa-da bolmazdy, emma bular Luwryň içine belet däldiler, üstesine geçen asyrdakysyna.
Muzeýe bardylar we öňden gepleşilişi ýaly, ýagny meýilnama görä hereket etdiler.
Meýilnama düzüşlerine laýyklykda, Götinsümer bilen Ýandakgül mylakatly baý hanymyň roluny oýnamalydylar. Götinsümer muzeýiň ekskursawotlaryny gepe güýmemelidi. Ýandakgül onuň ümsümje yzyna düşüp, ähli zatlaryň ýerleşişini öwrenmelidi. Elbetde, bu ýerde rus dilindäki tanyşdyrylyşyk hem bardy. Ekskursawodyň hyzmatyndan peýdalanmasaň-da bolýardy welin, Götinsümeriň ýene bir missiýasy, bu hem – muzeýiň öz işgärleriniň agzyndan käbir maglumatlary toplamakdy. Bu ikisi öz işleri bilen bolubersinler. Habary beýleki ikisinden alalyň.
Çaýyrsaç bilen Samankelle Jokondanyň üstünden gülüp otyrdylar.

Maksat – onuň töweregine seredişdirmek, goralyşynyň pesdigini bilseler-de, bir ýerden yş tapmaly ahyry gije. Gündiziň günortany ogurlyk bilen nirä gaçyp gutulsynlar…
Çaýyrsaç:
– Bilýäňizmi näme, Saman, “aňyrda” şu näme üçin gymmatly?! Sebäbi, narmalny gaşly gyzlar Gyzyl Kitaba salaýmaly. Bu dagyny, woşşe wizAwt browi.
– Ýöne, onuň ýylgyryşyny tapawutlandyrýarlar ahyryn. Duran ýerinde ewrika edip biljek, ogurlaman hem. “Aňyrda” adaty dodakly, ýylgyryşly gyzlar galmady diýen ýaly. Onsoň bu olara tapawutly görünýär.
– Hawa, senem kän gülme, Zoluşkaň batoksy sallanan çypar bajysy Anastasiýaň bar-da. Ana tapdym, toç-toç. Şo duran ýaly-aý şy taýda.
– Ýöne men gülemde 32-imi görkezemog-a. Hakyky, senem Kaşşeýiň gyz hilisigi Grizella meňzemänem duraňok. Seň fiziologiýaňdan alandyrlar-ow şo multikde.
– Görkezer ýaly 32-iň barmy-aý? Yzky dişleň ýarysy bar, öňdäkileriň bolsa blombasy gögeren.
– Nerwisi öldürilse, gan baranok. Ganyň ýöremesin hany, senem ýap-ýaşyl bolýaň.
– Woşşeda biz Mono daýza at dakmana gelipdik.
– Özüň başladyň.

…Çaýyrsaç töwerege esewan etdi, Samankelle bolsa, suratlaryň arasyna geçmek üçin ätlejek boldy, emma köýnegiň o diýen giň bolmadyk etegi päsgel berdi. Çaýyrsaç bolsa, alagada onuň etegine basdy we köýnegiň etegi aşak gaýtdy. Saman diňe gözüni tegeläp gaşyny galdyrmak bilen oňdy. Çaýyram “näme” diýen manyda oňa seretdi. Umuman, bu wajyp däl, esasy zat suratyň töweregini golaýdan seredişdirmekdi.
Çaýyr huşsuzlygy sebäpli özüniň töwerege esewan etmek üçin durandygyny unutdy we ýene suratlaryň üstünden gülüp başlady. Onýança-da aňyrdan bir ýaş ýigit gelýän eken. Saman çykyp ýetişmedi we näme işlejegini bilmän durka, hernä gapdalda boş çarçuwa duran eken. Ol ony aldy-da, diwaryň boşrak ýerinde, ýylgyrdy-da, “Portret” boldy. Ol ýigit Samanyň “portretiniň”

ýanynda aýak çekdi we geň galyp “portrete” seretdi. Çarçuwa “portretiň” ýarty göwresine çenlidi we ondan aşagy hem diwarda görnüp durdy. Bolýan zatlary elbetde, Çaýyrsaçam synlap otyrdy. Ol gülmän zordan saklanyp durdy. Ýigit iňlisçe hem bilýän ekeni. Çaýyrsaç muny ýagdaýy owadanlamak üçin peýdalandy. Olar özara gürrüňe başladylar. Ýigit:
– Bu örän geň kartina eken.
– Dogry aýdýaňyz, mister. Jokondaň ýylgyrşyna aňyrda dur diýýändir biziňkiler.
– Düşünmedim. Biziňkiler?
– Hä, wi, ýo. Bu kartina diýjek boldum.
– Üýtgeşik şedewr. Edil janly ýaly.
– Taryha salaýmalydyr edil ýöne.
Bular bu ýerde gürrüň edýänçäler, Saman bende zordan dem alyp otyrdy. Ol ýigit başga ýaňa bakan mahaly, näler Çaýyra düşündirjek bolýa gözleri bilen welin… Düşündirmände-de Çaýyr bilip otyrdy, gapdaldakyny çaltrak ýok etmeli, millet üýşmänkä. Eýdip-beýdip, Çaýyr ol ýigidi başga suratlary hem synlamaga yrdy. Bular başga tarapa ýöneldiler, ýigit yzyna bakan wagty, Saman oňa gözüni gyrpdy we hiç zat bolmadyk ýaly ýaňkysy ýaly ýylgyryp durmagyny dowam etdi. Çaýyr gülküsini saklamak üçin agzyny tutdy we pikir etdi: Ana. Maskaň peýdaly ýeri.
Garaz hemme zat ýerbe-ýerleşdi. Saman ol ýerden çykdy, Çaýyr yzyna geldi.
– Köýnegiň etegini dakaly. Oň giňräk bermuda (topukdan 4 barmak ýokarrakda durýan geýim) meňzeýänligine seretme. Bizde podýupnikli aýlanyp ýören ýaly sen şu wagt bu taýda, hem sen ýaňky ýylgyrşyň bilen göz gyrpmaňy “aňyrlarda” ulanan bolsaň, bu wagta bu ýerde sümsünip ýörmezdiň.
Garaz gyzlar bolýan ýerlerine bardylar. Ähli toplanan maglumatlary bir-birlerine aýtdylar we täze meýilnama düzmäge girişdiler. Girişmänkäler bolsa, hälki “portretli” ýagdaýy aýdyp biraz wakyrdaşdylar. Saman:
– Umuman gyzlar, meň meçtaýt edenimdäki ýaly-ha däl eken. Men hol Get Smartdaky Agent 99-yňky, ýagny Enn Hetueýiňki ýaly dürli-dümen lazerlerden geçäýjekdim. Tri muşkatýorda-da Mila

Ýowowiç şeýdýä. Hotýa meň ýaňky sypatym şoňkyça bar. Iň bolmanda Pikasso bilen tanşaýalyň-how.
Götinsümer:
— Olaram çykar öňüňden. Şonda sen geçersiň, nesiwedennen.
Çaýyrsaç:
— Saňa meň bilen maslahatlaş diýýen fentezi gurmankaň. Tentegow, begen-dä bir zadymyz aňsat bolsa. Şo goturkeli başyňa ýapjakmy-aý tanşyp.
Götinsümer:
— Kellere degme-eý! Halaman!
Ýandak:
— Winçenjo Peruji diýen adamyňyz bar. Muzeýiň işgäri. Şu agşam şol bize kömek eder. Elbetde, Sümer ikimiz oň gulagyna depip gaýtdyk. Biz oňa kömek etjek diýip, ol hem niýetleýän eken.
Saman:
— Niýetleýänini nireden bildiňiz? — diýeninden, gyzlar ellerini maňlaýlaryna ýetirdiler. Çaýyr:
— Biz nireden geldik, pekge? Özüň aýtdyň-a ystoriýany.
— Wi, hä. Aý, indi gönüläp soraňyzda aýdaýdymy diýdigimmiş-dä.
Götinsümer:
— Ýok, edil ony-ha etmedi. Ýöne ýeke-ýeke gürrüň bermegi soňa goýalyň. Plan biçip, biraz gyşaralyň. Agşam kraža bar. Şu gün 1911-nji ýylyň 20-nji awgusty. Gije ýarymdan soň suraty ogurlaýas, ýagny 21-nji awgust bolýa we Peruji däl-de, wagtlaýyn biz alýas. Soň bereris oňa. Biz bir gerekli zadymyzy öwreneli. Taryhda gündiz ogurlandy diýilýä. Ony gözi bilen gören adam ýok Perujiden başga. Soňam näme bolanyny anyk bilýän kişi ýok. Taryham üýtgänok, hiç zadam. Biz diňe wagtlaýyn ulanýas. Bolany.

Gije ýarymdan soň bular öňki gelen eşikleriniň üstünden uzynrak keltekçelerden geýdiler, saçlaryny ýygnap papak geýdiler. Hiç kim bulara gyzdyr öýtjek däldi. Winçenjo bilen Götinsümer we Ýandakgül üçüsi töwerege seredişdirýärdiler. Elbetde Winçenjo bilen Ýandakgül el hereketleri arkaly düşünişýärdi. Gündiz bolsa, terjimeçileriň üsti bilen rusça gepleşdiler. Götinsümer bularyň eller we hereketler bilen

düşünişlerine aňk-taňk bolup seredýärdi.
Suraty Çaýyr bilen Saman ogurlamalydy. Çünki gündiz suratyň ýanyna baran şolardy. Aýratynam Saman ol ýerde “durup gördi” ahyry. Ol wagtlar beýle bir gymmaty bolmadyk suraty goramak üçin ne aýna bardy, ne-de ýene bir zat. Adaty sungat galareýasynyň içi ýalydy. Gije-de iki-ýeke garawul diýmeseň. Şonuň üçin bulara suraty ogurlamak aňsat düşdi. Saman suraty ýokardan alyp durka:
— Söýgüde Romeo hem rekord goýduk,
Leýdi Gaga bolsa biziň fanadymyzmyşyn.
Meýk sam nois fo ze desi boýs
Wan, tu, sri, go!
— diýip, aýdymjyga hiňlenýärdi. Muňa Çaýyr gülküsini saklap bilmedi. Emma Saman ony zordan köşeşdirdi.
Muzeýden çykanlaryndan soň gyzlar öz bolýan ýerlerine tarap ýöneldiler. Emma, Peruji özüniň birazdan barjagyny aýtdy. Çünki Ýandakgül bilen şeýle “gepleşilipdi”. Öňki döwrüň adamsy bolansoňmy nämemi, Winçenjo bulara görä sadarak çykdy. Ýöne gyzlar ýalan sözlemediler ahyry. Olar ilki gepleşilende aýtdylar, suraty ilki özleriniň alyp gitjekdiklerini we wagtlaýyn ulanjakdyklaryny, soňra ýene Winçenjä getirip berjekdiklerini.
Saman birden sägindi-de, yzyna bakan ylgady. Allaowarrarakda duran Winçenjonyň ýanyna baryp:
— Peruji, boljak zatlara biz günäkär däl. Biz bolmasak hem sen ogry hökmünde taryha girýäň. Şoň üçin bizden yrza bolgunyň, Peruji. Bahym getirip bereris nesip bolsa suraty saňa — diýdi.
Bärräkden Çaýyr pyşyrdap diýen ýaly gygyrdy:
— Bu ýerde ynsaplysyramagyň, kiçigöwünlisiremegiň geregi ýok, tentek. Gaýt bärik.
Götinsümer:
— Ol seň diliňe düşünenok, düňk.
— Peruji yrza bol bizden. Sen barybir ogry bolup taryha girýäň. Hoş wagtyň dost jan!
Gyzlar suraty alyp, bolýan ýerlerine geldiler we Saman özüniň “jadyly” sözlerini aýtdy:
— Biz suraty ogurladyk. Indiki ästenöwke biziň şertleri

bitirenimizden soňky barmaly ýerimiz…